# Köñülde gopan kyýamat / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Köñülde gopan kyýamat / hekaýa KÖÑÜLDE GOPAN KYÝAMAT




Türkmenistanyň çaklaňja obasyndan Stambul ýaly megapolise düşen Hasan aga bilen Sahibe bir bada nämetjeklerini bilmän, äm-säm bolup galdylar. Hasan aga ummasyz adam akymynyň ortarasynda sütün bolup durşuna «Ýeriň ýüzünde kyýamat şu ýerde gopup başlaýmasa-da biridir» diýip howatyrlandy. Ol kalbynda döräp başlan bu dowluň tupana öwrüläýmänkä aýaly Sahibä «Haýdaly, bi ýerde durmaly» diýip, gözlerini howatyrly tegeläp haýyş etdi.
Howa terminalynyň gaýda-gaýmalaşyk uly zalyndan çykyp, olar nirä gitjeklerini bilmän dört tarap alakjamaly bolmadylar. Olara garaşyp duran obadaşy Ýusupbaý:
– Hasan eke, bura gelin Hasan eke-diýip, garyp-gatyp bir zatlar diýýärdi. – Men sizni kütüp durupman. Hasan obadaşy bilen gujaklaşyp salamlaşdy. Ýusupbaý Hasan agasynyň gollaryny gysyp durşuna Sahibe bilen hem baş atyşyp salamşady: “Gelinaýy ýahşymy siz!”.
Taksä münüp barmaly ýerlerine ugransoňlar Hasan «Ýusupbaý, türkçäni ýagşy öwrenipdir- diýip oýlandy. -Şeýdip arkaýyn gürleşip başarsaň-a bular bilen dil tapyşyp bilersiň-le». Soňra ulagyň äpişgelerinden Stambulyň köçelerini, jaýlaryny, adamlary gözügidijilik bilen synlap barýan aýalyna seredip onuň özüniň hem ýüzi açyldy.
Ol sürüjiniň gapdalynda oturan obadaşy Ýusupbaýa:

-Bular näme üçin bize ýabanjy diýýälerkä?-diýip sowal berdi.-Biz näme ýabany adammy?
Ýusupbaý onuň bu sowalyna hoş bolup güldi:
-Ýok, ýok Hasan aga, siz dogry düşüniň, bularyň dilinde «Ýabanjy» diýilýäni biziň dilimizdäki ýabany sözi ýaly many bermeýär, bularda «ýabanji» sözi başga ýerden gelen diýmegi aňladýar.
Hasan “bilemok-da” diýen ýaly egnini gysyp dymdy. Obadaşy Ýusupbaý taksiniň sürüjisi bilen gepleşip barýardy. Taksi hatar-hatar belent jaýlaryň arasynda sozulyp ýatan giň köçe bilen gyssanman myçyp barýar…
Ýusupbaý yzyna gaňrylyp:
-Siz tarapda «Adamyň göwnüne degmäň, bu gün göreniň ertir Türkde» diýen degişme gürrüň çykypdyr diýýärler Hasan aga, çynmy şo?-diýip ýylgyrdy.-Bäri gelip ýatan ildeşlerimiz ýaman köp lekin.
Hasan aga bilemok diýen manyda egnini gysyp biraz dymdy-da:
-Biz tarapda degşip, «Erki giden erkegiň aýaly türke gider» ýa-da «Erkegiň erki gitse aýaly türke gider» diýen ýaly her dürli gepleri-hä köp aýdýarlar, -diýip ýylgyrdy.-Onsaň menem gelinaýyňny ýeke özüni goýberip, şular ýaly gepe galaýmaýyn diýip bileje gaýdyberdim.
***

-Istambulyň başy-aýagy köp, ýöne Aksaraý biziň ýerimiz-diýip Ýusupbaý kireýne alan jaýynyň gapysyny açyp durşuna Hasan aga gürrüň berýärdi. -Bu ýerden çalyşmaly ýeriňiz hem uzak däl.
Hasan aga:
-Näme çalyşmaly, kim bilen-diýip, geň galdy.-Ýa bu boljak kwartiramyzy çalyşmalymy? Gapyny açyp içeri teklip eden Ýusupbaý ýylgyryp:
-Uzur, Hasan aga işlemeli ýeriňiz diýdigim «çalyşmaly» diýdigim. Bu dile halys öwrenipdirin.-Hany giriň içgeri, bu ýer siziň öýüňiz indi Huda halasa.
-Häbolady inim-diýip Hasan aýaly bilen içeri girdi.-Ýusupbaý, Bu ýerden metjit daşmy?
Ýusupbaý:
-Ýok, Hasan aga, dym ýakynjak-diýdi.-Namaz-ybatatyňyz entegem edýäňzimi?

-Hawa inim, namazymy hiç goýamok-diýdi.-Indi-hä ýat ýerlerde, mysapyrçylykda has-da yhlasly okamaly
-Dogry aýdýaňyz Hasan aga-diýip dostunyň aýdanyna şübhe gözi bilen garady.-Onda siz öwrenişiberiň bakaly, men giçläp ýene gelerin.
Otagyň içinde ýeke özleri galansoňlar är-aýal täze dünýä düşendikleri barada sessiz-üýnsüz oturyp oýlandylar. Daşarda eşidilýän nätanyş şäheriň güwwüldisi bolsa dünýäňi daraldyp barýardy.

***

Täze ýere öwrenişmek kyn düşýär, çylşyrymly zatlar sanardan kän. Bir gowsy ony irden labyzly azan sesi oýarýar. Hasan aga bu ýerde hem namazyny yhlas bilen okamasyny dowam etdirdi. Emma käte namaz okap otyrka ata watanda galan ogullary ýadyna düşende gözlerini ýaşlaýar. Ýöne ony hem hiç kime duýdurmajak bolýar. Ol türkleriň «arkadaş» diýip ýüzlenişini eşidip birhili bolýardy. Elbetde, hemişe bolmasada ruhuna täsir edýän bu söz oňa «Gysynma, arkaňda biz bardyrys» diýen göwünlik ýaly bolup duýulýardy.
Köçeler adamdan doly her kim öz işi bilen bir ýana howlugýar, gaýda-gaýmalaşyk. Hasan Sahibäniň taýýarlan ertirligini öňlerine alanda ýene çagalar ýadyna düşdi. «Oglanlar sag-amanmyka, näme edip ýörkäler?» diýip aýdaýjak boldy, dilini dişläp zordan saklandy, «Sahibe hem gynanyp galar». Soňam dymyp oturşyna özüne göwünlik berdi. «Gelenimize ýaňy bir hepde boldy, beýdip ejizläp oturmaýyn».

***

Ýusupbaý olary darajyk daş köçeler bilen Stambulyň gyrak-bujagyna aýlady. Haýsy ýerden ýöremeli, haýsy duralgada durup, nähili ulaga münmeli ýekän-ýekän düşündirdi. Soňra köne tanşy Mehmet Onuryň dükanyna eltdi. Etmeli işlerini görkezip, gaýdarman boldy. Ýusupbaý gaýtmanka:
-Hasan aga, işiňiz agyr däl, patronyň göwnüni tapsaňyz, bir aýdanyny iki gaýtalatmasaňyz aýlyk hakyňyzam kem etmez-diýdi.

Obadaşynyň yzyndan garap galan Hasan aga:
-Hä-ä, bolýa indi biz tezgahdar bolup işe başlaýas-da onda-diýip, öz ugruna hüňürdedi.
Mehmet Onur oňuşmazça däl, daşyndan dymma, emma bir gepläp başlasa agzy durmaýan geplemsek adam eken. Ol bir işe gümra bolup duran bolsaň, gapdalyňa gelip sesini çykarman durýar, iş edişiňi synlaýar, soňam hiç zat diýmän oz ugruna gidiberýär.
Günüň dowamynda gelim-gidimi ýetik bu dükanda harytly tekjeler sagatsaýyn boşap barýardy. Dürli-dümen harylary gelşikli gutularyny synlap durşuna:
-Bu ýerde söwda gow bolýan eken-diýip, Sahybe haýran galýardy.
Günüň dowamynda olaryň ähli edýäni gelip duran harytlary tekjelerde tertipläp goýmakdan ybaratdy. Bu käriň ady tezgahtardy.

***

Agşam iş gutarandan soň Hasan aga bilen Sahibe kireýine ýaşap başlan öýlerine howlukdylar. Olar dar köçeler bilen öýlerine golaýlanlarynda azan sesi eşidilip ugrady. Bu şäherde azan sesleriniň yzygiderli ýaňlanyp durýandygy Hasan aganyň göwnüni giňeldýärdi. Hasan aga:
-Sahibe, men agşam namazymy okap çykaýyn-diýip, metjide ýöneldi.-Sen biraz garaş şu ýerde.
Ol giň, belent gümmüzli metjide girip, jemagat bilen namaz okap durka, göwnüne bolmasa doly ybadata berlip bilmedi. Daşarda özüne garaşyp duran aýaly göz öňüne geldi. Soňra biz bu ýat ýurtda şeýdip azap çekip gezibermeli bolarmykak diýip oýlandy. «Wah, eýse näme etjek häzir hemme şeýdip ýör, ahyr biziň tanaýan dost-ýarlar, garyndaşlar hemmesi şu ýerde işläp gazanç edýärler. Şeýdip pul tapyp, yzymyza ugratmaly bolduk-da…»
Namazdan soň hemmeleriň hatarynda howlukmaç daşary çykan Hasan aga aýalyna gözi düşmän biraz aljyrady, iki tarap äňetdi. Seretse aýaly köçäniň beýleki ýüzünde ýerleşen marketleriň witrinasyna golaý baryp, şaý-sepleri synlap duran eken. Hasan aga aýalynyň bir enaýy bolup durşuny geňler gördi.

Olar kireýine alan jaýlaryna tarap tirkeşip barýarkalar Hasan aga, «Lekin, öz ilimizde işläp gezenimizde hem aç-hor bolubam-a ýörenimiz ýokdy» diýip içini gepletdi.

***

Ertir irden turmak kyn bolýardy. Säher daňdanyň süýji düýşleri bilen garylyp-gatylyp gidýärdi. Emma nähili bolsada turaýmaly, aýaga galaýmaly. Hasan aga hem soňky gören süýji düýşüni tamamlap bilmän turmaly boldy turan badyna hem derrew her günki işleýän marketlerinde peýda boldy. Ol Sahibe bilen täze gelen çaý gutulary bir tertipläp tekjelere örüp ýördiler. Çaý gutularyň ýüzüne siňňin seredip durşuna:
-Çaýkur-diýip, çaýyň adyny okady.-Çaý ur diýen ýaly eken. Ýa çaýhor diýdigimikä?
Sahibe owadan ýylgyryp:
-Şu Rizo diýen ýer Erdoganyň doglan ýerimiş-diýdi.
Hasan aga:
-Hä, onda gowy bolmaly bu çaý-diýip mahawsyrap güldi.-Prezidentleriň doglan ýerinde dörän çaý hem ýöne-möne bolmaly däl.
Şol wagt dükanyň daşky gapysy açyldy, içeri giren uzyn boýly kişi:
-Salamun aleýkum-diýip Hasan aga daga ýüzlendi.-Bana Mehmet beýi görme lazymdy.
Ol gözündäki äýnegini aýryp, töwerege nazar aýlaýardy. Soňra ol kişi Sahibäni başdan-aýaga bir laý synlady.
-Rija edirim, ben arkadaşimi görebilirimmi?
Hasan aga:
-Lütfen-diýip, kynlyk bilen ýylgyryp, ony hojaýynynyň oturan ýerine alyp gitdi. Sahibe bu gelen kişiniň hem-de Hasan aganyň yzyndan garap galdy.

***

Hasan aga Sahibe bilen kireýine ýaşaýan öýlerine gelip, içeri girip otagyň çyrasyny ýakdylar. Otagyň içi gündizlik ýaly boldy. Ähli zat süýde batyrylan ýaly. Hasan aga eşiklerini

çalşyrnyp, gelip diwana geçip oturdy. Beýleki otagda çaý demläp ýören aýalyna seredip:
-Şu günki gelen adamy halamadym-diýdi.-Saňa dagy gözüni jüýjerdip seredip dur, näme diýseňem şu halk düzüwli däl.
Sahyba iki bardak çaýly mejmäni ýeňillik bilen göterip gelişine:
– Şu günki gelen kişi meniň Azymbaý daýymyň ogluna meňzeş eken-diýip, mähir bilen ýylgyrdy.-Birhili gompuja, badyhowa, özüne göwni ýetýänje, aý bilemok, birhili ýakymsyz süýji…
Hasan aga Sahibäniň äberen gyzgyn çaýyny sowuklyk bilen aýasynda saklap oturşyna:
-Be-h!-diýip, geň galyp, başyny ýaýkady.-Sen-ä tüweleme ony täsin edip sypatlandyrdyň goýaýdyň, beýle söz baýlygyň köp eken-de, bilemizok ekenik.

***

Şol gün belki juma güni bolmagam ahmal. Marketiň içindäki müşderiler seýrekleşip boş durmaga biraz wagt tapan Hasan aga harytly tekjeleriň arasynda güýmeniň ýören aýalynyň ýanyna geldi.
-Keýwany ýadamadyňmy-diýip, halyny sorady.-Hany maýlygy uzat maňa, biraz demiňi dürse, özüm edeýin. Sahibe töweregine garanjaklap adamsyna bakyp ýylgyryp goýberdi:
-Goýsaňyzlaň, öz etmeli işiňiz ýok ýaly, sypynsaňyz meň ýanyma geliberýäňiz.
Hasan aga eňegini aşak tutup:
-Weý keýwany seniň ýanyňa gelmän kimiň ýanyna baraýyn eýse-diýip, gözlerini tegeledi.
-Onsuzam biziň är-aýaldygymyzy bärik gelýänler bilýäler-diýip, Sahibe ýene nägileligini bildirdi.
Hasan aga hoş bolup ýylgyrdy-da:
-Bilseler gowuda, men-ä lekin başga bir hoş habar bilen gelipdim, hojaýynymyz Remezan aýynda bize bir aýlyk artykmaç berjekmiş, şeýle düzgün bu ýerde öňden bar eken-diýip elleriniň aýalaryny owkalady
Sahibe biperwaýlyk bilen öz işine gümra bolup oturşyna:

-Men-ä ony öňdenem bilýädim-diýdi.-Diňe Remezanda däl, Kurban aýdynda hem Noel baýramynda hem bir aýlyk artykmaç berýän ekenler bu ýurtda.
-Noel baýramy haýsy baýramka?-diýip, Hasan aga aýalyna seretdi.
Sahibe:
-Täze ýyl baýramyna türkler Noel diýýäler.
Hasan aganyň kalbyna duýdansyz gussa aralaşdy. Öýlerinde çagalary bilen bir saçagyň daşyna üýşüp Täze ýyl baýramyny belleýişleri göz öňüne geldi. «Ýok, mundan mydar bolmaz, Hasan baý, tiziräk ýurda aşmaly, ezizleriňe gowuşmaly. Ýöne nädip, niçik edip gaýtmaly yza. Boýnumyzda hem bir topar bergi bar. Çagalar hem ýetişip gelýärler, olary gözli-başly, okuwly-işli etmeli. Biraz işlemeli, gapdaldan ýene bir goşmaça iş tapmaly, ýöne bu ýerde köp eglenmeli däl».
Sahibanyň sesi Hasan agany oýardy:
-Hojaýyn çagyrýar, ýet çakgan.
***

Güýz geldi. Howa sowady. Şäheriň uzyn owadan köçelerinde güýz möwsümine muwapyk geýnen mähelleden gaýda-gaýmalaşygy hem özboluşlydy. Hemme zat üýtgäpdi. Sahibe hem indi bir hepde bäri Hasan agadan aýry bir hojalykda işleýärdi. O ýerde kadyn elamany lazym diýip Sahibäni şol ýerde işlemäge yrdylar. Aýlygy hem örän kanagatlanarly. Barsaň boldy, işiň başynda bolsaň bes. Sahibe hem razylaşdy. Sahibe bu ýagdaýlary bir hili bolup oturan Hasan agadan ötünç soraýan ýaly gözlerini tegeläp: “Hepdede bir sapar görşeris, ýagdaý şuny talap edýär” diýip, howlukmaç düşündirdi.
Günler içgysgyç düýş ýaly geçip durdy…

***

Hasan aga iş ýerinden jogap alyp aýalyny görmek üçin ýörite gaýtdy.
Berlen salgy boýunça şäheriň bu çetinden ýol söküp gelip, gelmeli gapysynyň bosagasyna ýetip aýak çeken Hasan aga biraz kürtdürip durdy. Ahyr gapynyň düwmesini basdy. Garaşdy. Esli

wagt geçdi, ol şoda-da garaşdy. Ýene jaňly düwmäni dowamly basdy. Bu gezek gapy açylar diýip ynandy. Gapy açyldy. Gapyny açan görmegeý zenana seredip ol doňup galdy. Beh, Hudaý jan şeýle owadan maşgalalar hem ýaradypsyň aferin, ýöne beýle hoşroý maşgalany kime nesip etdirdikäň?! «Ykbally bendäniň paýy gözel sen» diýýär-ä Magtymguly şahyr. Soňra bolup durşuny edepsizlik hasaplap ýüzüni kesä sowup habaryny aýtmaga häzirlendi. Ýöne gapyny açan görmegeý zenanyň özünden gözüni aýrman durşy ony geň galdyrdy. Ýene biygtyýar görmegeý zenana garady. Hiç zada düşünmedi, ýok, beýle däldir-le, ynanmak aňsat däl, aý şeýle-de bolsa… Hasan aga görmegeý zenanyň gözlerine seredip doňup galdy.

Haçan-da görmegeý zenan geplände ol Sahibany tanady:

-Siz nämedip ýörsüňiz, bu wagt işde bolmaly dälmi näme?

Hasan aga sakawlady:

-Haw… Haw-wa, işde bolmaly, ýö-ne seni…

Hasan aga «Seni görmesem ynjalmadym, senden bir hepde bäri hiç habar ýok» diýmekçidi. Emma ýanýoldaşynyň arkasyndan peýda bolan daýaw murtly kişi onuň sözüni agzyndan kesdi. Ol Sahiba eýemsiräp durşuna “Bu kim” diýip sorady. Sahibe bir gysym bolup durşuna «eşim» diýip pyşyrdady. Öý eýesi gapyny giňden açyp, haýbatly nazar bilen Hasan aga garap durşuna içeri girmäge mürähet etdi.

Hasan aga öý eýesiniň yzyna düşüp howla aýak basdy, Sahibe olaryň yzy bilen ýuwaşja ýöräp gelýärdi. Soňra Hasan aga belentden kaşaň jaýyň murtlak eýesinden galman içeri gadam goýdy.

Öý eýesi nämüçindir Sahibäni özi bilen ýokary alyp gitdi. Hasan aga bolsa gitme garaş diýip aýtdy. Şol ýerde ilkinji gezek «Meniň aýalym nähili owadan eken, men bolsa ony entegem bilemok ekenim, walla- diýip oýlandy. -Şeýle gözel aýalyň-hazynaň barka bu ýurtda işlemek, asla bu illere gaýtmak gerekmidi, gaýtmak, mysapyrlyk barada oýlanmak hem gerek däl eken» .

Ol kaşaň jaýyň birinji gatynda giren ýeriňde öý eýesiniň ýa-da Sahibäniň gelerine garaşyp uzak oturdy. Emma olardan habar-hatyr ýokdy. Onuň göwnüne aradan 5-10 sagat wagt geçen ýaly

bir agyr duýgy ýüregini ezip barýardy. Ol ýerinden turup basganҫaklar bilen ikinji gata galmaga hyýallandy.
Ýene aşak oturdy. Namaz wagty hem golaýlapdy. Ýaňy şu ýere gelýärkä ýoluň gyrasyndaky owadan metjit ýadyna düşdi. Şol ýere baryp namaz okasy geldi. Birden öýleri ýadyna düşdi. Juda alysda galan öýleri, ýüregi ezilip gitdi. Zöwwe ýerinden turup ýokary galmaga hyýallandy. Biraz säginip, şu basganҫaklardan aşak düşüp gelýän aýalyny göz öňüne getirdi aýaly ýokardan düşüp gelişine: «Bu ýerde işlän bir hepdämiň hakyny aldym, baý syrnyh eken bi türk, her teňňäni hasaplaşdy, ýör indi gideli, bärde eglenmäli» diýäýjek ýaly.
Ýöne aýaly görnenokdy. «Wah, hiç zat diýmesede gelse bolýa» diýip iҫini it ýyrtýan Hasan aga mundan artyk saklanyp bilmejegine göz ýetirip, gyssanmaҫ ikinji gata galdy.
Ikinji gatda mawy syrҫaly belent petigiň astynda tolkunyp ýatan basseýinli eýwan bar eken. Hasan aga daş-töweregine garap haýranlar galdy: ähli ýerler mermer hem-de zer ҫaýylan nagyşlar bilen sünnälenen, belent petikde reňbe-reň ҫyralar älemgoşar şöhlesini saҫýardy.
Basseýniň gyralarynda enaýyja ҫelejiklerde oturdylan ter gyrymsy agaҫlar gök öwsüp töwerege gelşik berýärdi. Olaryň ýaýbaň şahalary basseýniň suwlaryna ҫenli uzalýar.
Şobarmana Hasan agany birden ýyldyrym uran ýaly boldy. Ol doňup galdy. Basseýniň bir burҫunda ösüp oturan gyrymsy agajyň saýasynda aýaly bilen öý eýesi ýalaňaҫ halda ýatyrlar. Hasan aga gymyldap bilmän galdy. Olar bolsa birhili serhoş ýaly bir-birsine gysmyljyraýardylar. Soňra öý eýesi ýuwaşlyk bilen suwa girip, basseýniň gyrasynda oturan Sahibäni özüne ҫekip aldy. Hasan aga mundan artyk ҫydap bilmedi. Ol yzyna öwrüldi. Birdenem ol özüni şol basseýnde ýaly duýdy. Ýa-da endam-jany myžžyk öl-suw, güýz güni köҫede galyp ýagyşa süllümmaý ezilip gelen ýaly. Hiҫ zada düşünip bilmän, bu zatlary görmejek bolup beýlesine öwrüldi. Gözlerine ynanmady. Ol özüne howatyrly garap gapdalynda ýatan Sahibäni görüp tisginip gitdi. Hany Rifat beý hany iki gatly kaşaň kottež?!
Sahibe ýerinden dikelip:
-Hasan aga, suw iҫäýiň bolmasa-diýip, aşhana ümledi.-Garaşyň

häzir…
Hasan aga ýeňil gopup eýýäm ýerinden galan Sahibäni saklady:
-Dur, bir dem sägin, hany sen Rifat beglerde dälmi näme, olarda işläp ýörsüň-ä, şeýle dälmi?
Sahibe ýanýoldaşyna howatyrly seretdi:
-Haýsy Rifat beg? Bu wagtam düýşürgäp otyrsyňyz ýaly-la Hasan aga?
Hasan aga dogrudanam gaty çyna berimsiz ýöne mojuk bir düýş görendigini, düýşüň dowamynda şeýtanyň şol şama-şaýyrdysyna halys ynanandygyna birden düşünip galdy. Bir minut ýaly lal-jim bolup oturdy. Soňra entegem erbet garabasmadan aýňalyp bilmän oturşyna:
-Biziň patronymyzyň-Mehmet beýiň hem Rifat beý atly arkadaşy barmyka? Bilemok -diýip samyrdady.

***

Stambulyň howa terminalynda müňlerçe ýolagçylaryň arasy bilen Sahibäniň elinden berk tutup barýan Hasan aga eýýäm öz dogduk diýaryna aýak basan ýaly ädimlerini ynamly urýardy. Stambul ýaly mega kentde köňlünde gopan kyýamat borany kiparlamanka ol ata Watana aşmagy lazym bildi. Ýanymda şunuň ýaly baýlygym-Sahibäm barka nämüçin men öz ýurdumdan-hossarymdan geçip gaýdypdyryn. Ol bahasyna ýetip bolmajak genji-hazynasyny golundan sypdyrmajak bolup, bar zatdan gymmatly beýleki bir baýlygyna tarap-Türkmenistana tarap barýardy.

Sylapberdi MUHAMOW.

Sankt-Peterburg. 2019. Hekaýalar